TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGINIŇ

HALKARA GATNAŞYKLARY INSTITUTY

# MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ UMUMADAMZAT ÄHMIÝETLI PARAHATÇYLYK TAGLYMATY WE HÄZIRKI ZAMANYŇ MÖHÜM MESELELERI

(ylmy makalalaryň ýygyndysy)

***Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna***

Aşgabat
“Ylym” neşirýaty
2023

UOK 008:82+001(575.4)
M 16

M 16 **Magtymguly Pyragynyň umumadamzat ähmiýetli parahatçylyk taglymaty we häzirki zamanyň möhüm meseleleri.** Ylmy makalalaryň ýygyndysy. – A.: Ylym, 2023. – 240 s.

Kitap Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty tarapyndan Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna bagyşlanylyp taýýarlanyldy.

Ýygyndy üç sany tematiki bapdan ybarat bolup, olarda her babyň adyna laýyk gelýän makalalar ýerleşdirildi.

Ýygyndynyň birinji baby «Magtymguly Pyragynyň döwletlilik taglymatynyň Garaşsyz we Bitarap Türkmenistanyň milli bähbitlerini üpjün etmekdäki binýatlyk orny» diýlip atlandyrylyp, onda Magtymgulynyň syýasy-jemgyýetçilik meseleler bilen baglanyşykly garaýyşlary seljerilýär. Bu bapda ýerleşdirilen makalalaryň häsiýetli taraplarynyň biri olarda Magtymgulynyň döredijiliginde gozgalýan we onuň döwründe bolup geçen wakalaryň häzirki zaman şertlerindäki derwaýyslygynyň nukdaýnazaryndan seljerme bermeklige synanyşyk edilendigidir.

Ýygyndynyň «Magtymgulynyň paýhas-filosofiki we ahlak-edep garaýyşlarynyň terbiýeçilik ähmiýeti» atly ikinji babyndaky makalalarda Magtymguly Pyragynyň döredijiliginde paýhas-filosofiki, ruhy-ahlak gymmatlyklaryň, ynsan edebi adamkärçilik, terbiýe we wagyz-nesihat meseleleriniň şu gün bilen baglanyşygy baradaky pikirler öňe sürülýär.

Ýygyndynyň üçünji baby «Magtymguly Pyragynyň döredijilik mirasy adamzat medeniýetiniň genji-hazynasydyr» diýlip atlandyrylyp, onda degişli temadaky derwaýys meseleleriň derňewine bagyşlanylan makalalar ýerleşdirildi.

Kitap giň okyjylar köpçüligine niýetlenilýär.

TDKP № 235, 2023 KBK 71+84+72 (Tü)

© Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň
Halkara gatnaşyklary instituty, 2023
© “Ylym” neşirýaty, 2023

**Enejan Orazmyradowa**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň mugallymy*

# MAGTYMGULYNYŇ DÖREDIJILIGI – YNSANLARYŇ KÖŇÜL KÜÝSEGI

Türkmen halkynyň buýsanarlyk taryhy bar. Şonuň bilen birlikde şeýle şan-şöhratly taryhyň döremegine sebäp bolan beýik şahsyýetleri-de az däl. Harby-syýasy, dini-pelsepewi, ylmy, ykdysadyýeti hasaba almanymyzda hem, umumy edebiýatymyzyň diňe şygyr hazynasyny hasyl edýän, özleriniň özboluşly, milli we halky häsiýetli döredijilikleri bilen dünýä edebiýatyna, onuň miras baýlygyna mynasyp goşant goşan şahsyýetlerimiz hem munuň şeýledigine şaýatlyk edýär. Gaty bir çuňluga gitmän Ýunus Emreden, Garajaoglandan bärligine gaýdanymyzda-da, eserleri gaýtalanyp-gaýtalanyp okalýan, we olardan her gezek okalanda ruhy lezzet, güýç-kuwwat alynýan, ahlak-terbiýede ybratlanarlyk ideýalary orta atan şahyrlarymyz barmak basyp sanardan köp. Nurmuhammet Andalyp, Şeýdaýy, Şabende, Magrupy, Seýdi, Zelili, Kemine, Mollanepes, Aşyky, Zynhary, Kätibi, Misgingylyç, Mätäji çeper sözüň ussatlary hökmünde durmuş meselelerine özboluşly çemeleşýändikleri bilen halkymyzyň hakydasynda we kalbynda ýaşap gelýär. Emma ömrüniň, durmuşynyň halk bilen baglanyşygy, döredijiliginiň milliligi, ideýalylygy, mazmunlylygy, düşnükliligi, çeperçilik kuwwatynyň kämilligi bilen Magtymguly özünden öňki we soňky şahyrlar bilen deňeşdirilende ýokary derejede ykrar edilen akyldar şahyr, filosof şahyr diýlip, diňe bir türkmenleriň içinde däl, eýsem, dünýä halklarynyň aglabasynyň arasynda-da şöhraty uludyr [3, 53 s.].

Türkmenistan öz Garaşsyzlygyny alanyndan soň, Magtymgulynyň döredijiliginiň öwrenilmegi üçin giň ýol açyldy we uly mümkinçilikler döredildi. Magtymgulynyň eserleri dolulygyna birnäçe gezek neşir edilip halka ýetirildi. Gazet-žurnallarda Magtymgulynyň döredijiligi barada ýüzlerçe makalalar çap edildi. Ýurdumyzda Magtymgulynyň döredijiligine bagyşlanan ylmy maslahatlar yzygiderli geçirilip gelinýär.

Hormatly Prezidentimiziň ylmy, bilimi ösdürmek üçin çykaran kararlary, ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde, Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynda aspiranturalaryň we doktoranturalaryň açylmagy beýik şahyryň döredijiliginiň has çuň öwrenilmegi, täze ylmy işleriň ýazylmagy üçin giň ýol açdy.

Gahryman Arkadagymyz: «Ajaýyp şygyrlary bilen ynsan kalbyny ýagşylyk nuruna bezän türkmeniň akyldar ogly Magtymguly Pyragynyň mertebesi türkmen halky üçin iň belentde goýulýan mukaddeslikleriň biridir» [1, 107 s.] diýip,

şahyryň döredijiligine beren takyk we çuň manyly kesgitlemesi Magtymgulynyň döredijiliginiň türkmen halkynyň durmuşynda wajyp orun tutandygyny görkezýär.

Magtymgulynyň döredijiligi diňe bir ondan öňki türkmen edebiýatynyň däl-de, eýsem, oňa golaý bolan Gündogar edebiýatlarynyň gazanan netijelerini, kämilligini hem-de baý tejribesini özünde jemleýär. Şahyr öz döredijiliginde öňki däplerden täze belentliklere, täze formalaryň, täze ideýalaryň we keşpleriň gözleglerine tarap aýgytly ädimleri ädipdir. Ýöne biz filosofiýanyň kanunlaryndan ugur alsak, hiç bir ugurda öňki formalary, däpleri inkär etmezden ösüş bolup bilmeýär. Şoňa görä-de, eger-de Magtymguly hat-da iň gowy däplere, eserlere öz döredijiliginde diňe bir öýkünmek bilen oňan bolsa, onda onuň döredijiligi durmuşdan yza galyp, halkylyk derejesine ýetip bilmezdi. Hakyky ussat şahyr hökmünde Magtymguly öňki däpleriň ýesiri bolup galman, olary täzeçe ösdüripdir hem-de öňki keşplere, formalara täze mazmun, täze öwüşgin beripdir. Magtymgulynyň poeziýasynyň güýçli täzeçillik ruhy ondan soňky şahyrlaryň döredijiligine-de asyrlarboýy täsir edip gelýär [7, 8–9 ss.].

Bilim ulgamynda Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe türkmeniň ykbalyndaky rowaçlyklary, nusgawy şahyrlarymyzyň döreden gymmatlyklaryndaky milliligimize, watansöýüjiligimize, dünýädäki tebigy, jemgyýetçilik hadysalara dogry düşünmäge, sowatly bolmagymyza ýardam edýän ýiti pähimlerden peýdalanmaga aýratyn üns bermelidiris. Olaryň umman ýaly giň hem çuňňur manyly paýhaslaryny şu günümiz bilen baglanyşdyryp öwrenmek bilen ertirki günlerimiziň eýeleri bolan ýaş neslimiziň aňyna ýetirmelidiris. Gündogaryň şamçyragy, dünýä akyldarlarynyň arasynda aýratyn orun eýeleýän Magtymguly Pyragy bu babatda şeýle diýipdir:

*Magtymguly, sözle herne bileniň,*
*Özüňe kemlik bil aýtman öleniň,*
*Taraşlap, şaglatgyn köňle geleniň,*
*Senden soňkulara ýadygär bolar* [4, 561 s.].

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe türkmen milletiniň gadymy esasa daýanyp, ata-baba ýol ýörelgelerini arassa saklamagy başaran milletdigi dünýä äşgär bolýar. Hormatly Prezidentimiziň alyp barýan syýasatynyň netijesinde dünýäniň dürli halklary türkmen halkynyň gadymyýetde döredip, kämilleşdirip şu güne çenli getiren durmuş, medeni mirasynyň adamzat siwilizasiýasynyň ösüşine goşan goşandy bilen ýakyndan tanyşmaga mümkinçilik alýar. Magtymguly atamyzyň bize galdyran döredijilik mirasy bütindünýä jemgyýetçiliginiň, ähli adamzadyň ünsüni özüne çekýär. Onuň hem sebäbi Magtymguly tutuş adamzat ahlagyny özünde jemleýän tebigy päkligi wasp eden adam bolmagyndadyr. Bu päklige düşünen her bir ynsan milletine, diline, däp-dessuryna, dinine garamazdan, Magtymgulyny ykrar edýär. Onuň sözlerini dilinde sena edinýär. Özüni

Magtymgulynyň döredijiliginiň içinde göresi gelýär. Magtymgulyny hut öz hossary hasaplaýar, onuň döredijiliginde özüni gyzyklandyrýan soraglara jogap tapan ynsanlar ussady öz ýakyny hökmünde kabul edýärler. Magtymgulynyň eserleriniň adamyň ruhuna derman, melhem ýaly täsir edýänligini aýtmak açyş edildigi dälde, hakykaty ýene bir gezek ykrar etmekdir. Onuň çuň pähiminden, ýiti zehininden giň gözýetiminden dörän sözler her bir jemgyýetde, milletde, zamanda gymmatyny ýitirmeýän baýlyk hökmünde kabul edilýär. Onuň hem sebäbi Magtymguly adamzadyň zandyndaky arassalygy, edermenligi, halallygy, sahawatlylygy sadalyk bilen düşnükli dilde wasp edip, ýaramazlyklary, betpäl-betgylyklary paş edip, bize miras galdyrypdyr [5, 27 s.].

Magtymguly Pyragynyň döredijiliginde durmuşyň her bir ýüze çykarýan soragynyň jogabyny tapmak bolýar. Şahyryň many-mazmundan ýüki ýetik döredijiliginde durmuşyň dürli ugurlaryna, ähli taraplaryna degişli meseleler bilen birlikde türkmen zenanynyň çeper keşbine hem uly baha berilýär. Gyz-gelin sarpasy, türkmen gelin-gyzlaryna mahsus bolan asyllylyk, agraslyk, mylakatlylyk, alçaklyk ýaly gylyk-häsiýetler baradaky meseleler hem siňňitli yzarlanýar. Türkmen nusgawy şahyrlary gelin-gyzlaryň jemgyýetde tutýan uly orunlarynyň bardygyndan, şeýle hem Watany goraýan gahrymanlary hem şolaryň ese-boýa galdyrýandygyndan ugur alyp, çeper eserler arkaly olaryň keşbini, ruhy dünýäsini giňden açyp görkezmegi derwaýys hem möhüm işleriň biri hasaplapdyr. Olar gelin-gyzlaryň güler ýüzüni, şirin sözüni, gara gözüni, şamar dek saçlaryny, uz ýörişini, mahlasy görk-görmegini taryplamak bilen çäklenmändirler. Beýik söz ussatlary olaryň belent adamkärçilik mertebesini, akyl-huşuny, pähim-paýhasyny, uly sungat bolan el hünärlerini, bolçulyk çeşmesini eçilýän zähmetlerini wasp edipdirler. Gelin-gyzlaryň jemgyýetde uly orunlarynyň bardygyny nygtapdyrlar. Şu nukdaýnazardan görnüşi ýaly, Magtymgulynyň döredijiliginde hem gelin-gyzlaryň keşbine uly baha berilmegi ýöne ýerden däldir. Onuň «Duz hem bolmasa» atly şygrynda şeýle bellenilýär:

*Dünýä sözi meňzär duzsuz tagama,*
*Söz içinde gelin-gyz hem bolmasa* [4, 346 s.].

Magtymguly Pyragy serkerde, merdana ýigit bolmagyň şertlerini hem beýan edipdir. At-ýarag edinmek watançy ýigitleriň borjy hasap edipdir. Sebäbi at-ýarag mertligiň simwoly hökmünde görlüpdir:

*Ýigidiň bolmasa ýaragy-aty,*
*Şony belli biliň ýokdur gaýraty...*
*Goç ýigide toýdur-baýram,*
*Her iş gelse il biläni* [6, 87 s.].

– diýen setirlerinde gahrymançylygyň mazmunyny halk bähbidi bilen baglanyşdyrýar. Serkerde bolmagyň ýene bir şerti hökmünde öý-öwzaryndan, çagalaryndan arkaýyn bolar ýaly hökman mynasyp ýary bolmalydygyny belleýär:

*Ýigidiň dünýäde üçdür myrady,*
*Mahbup ýagşy, ýarag ýagşy, at ýagşy* [6, 255 s.]

ýa-da:

*At gazanar goç ýigidiň,*
*Owwal bedew aty gerek.*
*Gelene garşy çykmaga,*
*Ýagşy muhabbeti gerek* [6, 92 s.].

Şu mysallardan görnüşi ýaly, ol bir tarapdan halky, Watany söýmäge çagyran bolsa, ikinji tarapdan,ýurdy daşky duşmanlardan goramak üçin gaýratly, ar-namysly ýigitleriň gerekdigini nygtaýar. Magtymguly Pyragy öwüt-nesihat, mertlik-namartlyk hakynda eser ýazmakda ilkinji orunda durýar. Magtymguly döwrüniň terbiýeçisi hökmünde orta çykýar. Ol ynsana gerek sypatlary terbiýelemäge, köpçüligiň bähbidine wepaly, söweşlerde polat ýaly erkli, durnukly ýigitleri ýetişdirmäge bar güýji bilen çalşypdyr. Ol mertlik bilen namartlygyň arasyny açyp görkezýär.

Magtymguly käbir öňden gelýän däplere ýüzlenende-de, olary XVIII asyr türkmen durmuşyna, türkmeniň milli gylyk häsiýetlerine laýyklykda täzeden döredijilikli işläpdir. Eger orta asyr Gündogarynyň geçmiş edebiýatynda batyrlyk, edermenlik, gahrymançylyk, diňe şalara, şazadalara, goşun başlyklaryna, serkerdelere, diňe şolara mahsus gylyk-häsiýetler hökmünde görkezilen bolsa, Magtymguly ol häsiýetleri il-günüň içinden çykan ýönekeý adamlara mahsus, zerur sypatlar hökmünde görkezýär. Edil şonuň ýaly, Orta asyr Gündogar edebiýatynda jomartlyk, sahylyk diňe baý adamlara degişli häsiýet hökmünde teswirlenen bolsa, Magtymguly ol häsiýetleriň sypatlaryň her kese, ýönekeý, hat-da garyp adamlara-da degişli bolup biljekdigini nygtap görkezýär. Netijede, şahyr edebiýaty halkyň milli durmuşynyň aýnasy edip goýýar. Şahyryň tutuş döredijiligi halkyň milli durmuşyndan gözbaş alýar. Şol milli durmuşy gowulandyrmagyň tagallalaryna hyzmat edýär. Şahyryň her bir setiri düre barabar jöwher şygryýetiniň beýik ähmiýeti-de şundadyr.

Magtymguly nusgawy edebiýatymyzyň kämilleşmegine, türkmen edebi dilini ösdürmekde uly işler bitiren şahyrdyr. Ol öz halkynyň azatlygyny we özbaşdaklygyny arzuw eden, halk arasynda beýik söýgä mynasyp bolan nusgawy şahyrdyr. Magtymguly özüniň dürdäne döredijiligi bilen adamkärçiligiň iň gowy sypatlaryny wasp edip, ulumsylyk edýänleri, tekepbirleri, şöhratparazlary, harsydünýäleri rehimsiz paş eden şahyrdyr. Magtymguly edebiýaty halk köpçüligine has ýakynlaşdyrýar. Ol edebiýatyň dili, tematikasy jähetden gönüden-göni halkyň

jümmüşine aralaşýar, onuň zeruryýetliklerinden ugur alýar. Magtymgulynyň döredijiliginde durmuşy goşgular esasy orunlaryň birini eýeleýär. Ol çilim çekmek, nas atmak, ogurlyk, nähak gan dökmek ýaly pis häsiýetlere garşy göreş alyp barypdyr. Özüniň goşgularynda olary rehimsiz ýazgarypdyr. Şol göreşde çeper dili ýarag hökmünde ulanypdyr. Magtymguly ýaman häsiýetleri ýazgarmak bilen erbetlikleri dini düşünjeleriň üsti bilen tertibe salmaga synanyşypdyr. Magtymguly ýaramaz häsiýetlere garşy göreşmek temasyny edebiýatda giň möçberde işläp wagyz eden şahyrdyr. Şahyr gelin-gyzlaryň edepli, päkize, mylaýym bolmagyny isläpdir, ata-enäni sylamaýan, hapysa gelin-gyzlary pisläpdir. Şahyryň döredijiliginde adamlarda oňat häsiýetleri terbiýelemekde uly orny öwüt-nesihat häsiýetli şygyrlar tutýar. Bu temadan Magtymguly «Janyna degmez», «Durasyň geler», «Ýör biläni», «Il ýagşy», «Zor bolar», «Bolar sen», «Aýrylma» ýaly onlarça şygyr ýazypdyr. Şahyr bu goşgularynda döwürdeşlerine asylly terbiýe bermek, olaryň mert, ar-namysly bolmaklaryny nesihat edip, binamyslary we namartlary ýaňsa alypdyr [5].

## EDEBIÝAT

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. – A.: TDNG, 2008.
2. *Magtymguly* – ylham çeşmesi. – A.: TDNG, 2014.
3. Sözüm saňa, Pyragy. A.: TDNG, 2014.
4. *Magtymguly*. Saýlanan eserler. – A.: TDNG, 2014.
5. Türkmen ruhunyň almaz täji. (Magtymguly Pyragynyň 290 ýyllygyna bagyşlanan makalalar ýygyndysy). – A.: TDNG, 2014.
6. *Magtymguly*. Şygyrlar. – A., 1992.
7. *Mustakow R.* Magtymguly we gündogar edebiýaty. – A.: TDNG, 2014.

**Mährijemal Mämmedowa**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň uly mugallymy*

## MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ YNSANPERWER GARAÝYŞLARYNYŇ TÜRKMEN BITARAPLYGYNDA ŞÖHLELENIŞI

Her bir halkda iki başlangyç mydama biri-biri bilen berk baglanyşykda ýüze çykýar. Olar, birinji tarapdan, milli ruhuň we milli aňyň durmuş bilen baglanyşyklygydyr, ikinji tarapdan, beýleki halklaryň ýagdaýyna akyl ýetirmek, olaryň gymmatlyklaryny özleşdirmekdir [1].